# Hüşgärlik / gysga ýumor

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Hüşgärlik / gysga ýumor HÜŞGÄRLIK

Garawul kärhananyň derwezesinden çykyp barýan maşyny saklady.
– Yzky oturgyjyňdaky näme?
– Ot.
– Köpmi?
– Aý… Bir halta.
– Nireden aldyň?
– Hol çöp-çalam basyp ýatan ýerden.
– Düşür.
– Näme üçin,
– Sebäbi, ol ýer zawodyň territoriýasy.
– Ýarymja halta alsam bolmazmy?
– Bolmaz. Düşür.
– Bolýar, düşüreýin – diýip, sürüji hüňürdedi.
– Bar, indi gidiber. – Garawul biraz ýumşaşdy.
Maşyn tigirlenip, derwezeden çykdy. Sürüji ýoldaşyna ýüzlendi.
– Gördüňmi, nädip onuň gözüne çöp atdym?
– Kimiň?
– Ýaňky akmak garawulyň.
– Ol seniň eliňden otuňy alyp gald-a.
– Oňa Derek münüp barýan maşynymyz ogurlyk.

Paul NEGOLESKU,
Rumyniýa.

Rusçadan terjime eden: Dädebaý ÝAGŞYMYRADOW. Satiriki hekaýalar